# Tut agajy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tut agajy TUT AGAJY

Tut sen etegiňi agaç astynda
Silkeýin şatudyň şahasyny men.
Ýagsyn depämizden ýatlama bary,
Ýagsyn geçen ýyllar aýlary bilen.

Ýagsyn depämizden körpe çaglarmyz:
Maýmyn dek şahadan şaha bökerdik.
Bal ýaly tudana iýip şahada
Ýere-de bal ýaly miwe dökerdik.

Maýmyn dek şahadan şaha bökerdik,
Käte hezil edip düşerdik suwa.
Şýde-de irkilip saçak başynda,
Giderdik ukuda süýji arzuwa.

Tudana iýerdik düýşümizde-de,
Eňerdik miweli ýaşyl baglara.
Birdenem bürgüt dek ganat açyp biz,
Galardyk gerişi garly daglara…

Silkeleme tuduň şahalaryny,
Belki, şahalarda bardyr körpeler.
Eger ýykylaýsa biri olaryň,
Gerekli söhbetiň yzy kesiler.

Balaja Fikret bar, balaja Wagif,
Tudana bişdigi – olar taýýardyr.
Oňat seret, eger tudana bişse,
Hökman şahalarda körpeler bardyr.

Fikret GOJA,
(Azerbaýjan).